# Başlygyñ özi-dä / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Başlygyñ özi-dä / satiriki hekaýa BAŞLYGYÑ ÖZI-DÄ




– Hormatly oba zähmetkeşleri, häzir size «Mesirgän molla» diýen oýun görkezmekçi bolýarys.
– Kyýas han, men-ä şol mollanyñ rolunda oýnajak däl.
– Näme üçin?
– Ol-ä tüýs başyna giden how. Azypdyr. Mes.
– Ony nireden bilýäñ?
– Hol gün aýdylan janly edilende şol mollany ýörite apalap çagyryp getirdiler. Maña şonuñ eline suw akyt diýdiler. Akydyp durkam, ýañky mollasumak kündügi elimden kakyp aldy-da, hol mellegiñ içine oklap goýberdi. Aý, gaty erbet utandym-a. Ýer ýarylmady, men girmedim.
– Kündügi ýeke elde tutansyñ-da. Beýleki eliñ bilen çürründiginden tutmadyñ diýen bolýandyr.
– Wah, hawa-la. Aý, gaharyma bäs geljek bolup, tas ýarylypdym. Ikiçäk bolsañ zyýanam ýok weli, ähli gurama başlyklaram aý berşip durlar.
– Zat diýen bolmadymy?
– Wah, ählisi käýedi-le.
– Mollamy?
– Ýok-la, maña-la.
– Hany, komsomol guramasynyñ sekretary Gurt Ýazmyradow näme işleýä, señ tarapyñy çalman?
– Gurt-da şol ýerde mollanyñ ýuwunjak kündügini hozmagdan öz «Žigulisi» bilen elin getirip, üç gezek gyzgyn suwa çaýkan.

– A, profsoýuz komitetiniñ başlygy Arça Muhammedow näme üçin mollañ petigulysuny bermedi?
– Arça-da şol mollany üç günläp gözläp, ahyry tapyp getiren.
– Medeniýet orunbasary Gytja, näme, ýaşmaklymy?
– Gytja-da çagam bolanok diýip, şol molla özüni okatdyrýan.
– Hany ilkinji partiýa guramasynyñ sekretary ýoldaş Saryýew?
– Meni köp gepletme. Roluñy yzyna al. Men çekinýän. Guramalar işlänoklar.
– Obada iñ esasy adam – başlyk näme işleýä bu zatlar seretmän?
– Wah, başlyk-da şol aýdylan janlyny berýän. Oraşan düýş görenmiş.
Iş gowşak diýip, býuroda wezipeden boşadýarmyşlar.
– Mollañ roluny oýnamaly-ha borsuñ. Häzir ýaşulular hem geljekler. Ýolbaşçylaram şu ýere ýygnanjaklar.
– Eger gürrüñli bolsa, iñirdeselee, men-ä medeniýet köşgüniñ direktory Kyýas meni mejbur etdi diýip hökman aýdaryn. Şoña boýun bolsañ oýnaýyn.
– Be. Mesirgän mollañ roly-ha kyndyr-ow. Sen has gödegrägem oýnaýań. Men bir pikir edip göreýin. Kündük bilen birini heläk edäýmegiñ mümkin. Ägä bolmaly.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar